# Jaýtygül

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Jaýtygül JAÝTYGÜL

Öňki gudasynam halys çökerip,
Towuk üten ýaly ütdi Jaýtygül.
Ikinji gyzynam arşa çykaryp,
Ýetjek maksadyna ýetdi Jaýtygül.

Düwünçekden doly jaýyň tekjesi,
Keýpi kökje, ýeňil gopýar ökjesi
Köpelmeli diýip, gyzyň bukjasy,
Jaýtaryp, bazara gitdi Jaýtygül.

«Hany-entek üzüm bişip süýjesin,
Pagtaçylar goý, sanasyn jüýjesin,
Guda boljak adam özün tijesin.»
Diýip, kän pikirler etdi Jaýtygül.

Gelýän sawçylaryň köpüsin kowup,
Gyzyn taryplady, özüni öwüp,
Ahyr bir sawçyny üstüne sowup,
Oň daşyna torun atdy Jaýtygül.

Gudasynyň öwrüp enter-pelegin,
Gözün gypyp, gorjan bolýar gulagyn,
Diýip, «Bar bergiňi bada tölegin».
Näçe diýseň berke tutdy Jaýtygül.

Ýolboýy aýtdyryp aýdymy-sazy,
Maşyn bary geldi kesilmän yzy?
Gelnaljy gelmänkä gaçypdyr gyzy,
Gygyryp saçyny ütdi Jaýtygül.

Çary GURBANGYLYJOW. Goşgular